Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONICIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№33 (83) | 2023-nji ýylyň 31-nji dekabry




## HEART FELT GRATITUDE

*By courtesy of the opportunities created in the year 2023, with the deeply symbolic motto «Happy Youth with Arkadag Serdar», the educational enhancement of us, youth has become the focal point and utmost priority of our state.*

As the head of state said, the book «Youth – the Support of the Motherland» notes the achievements and successes of young people. This peculiarly unprecedented book serves as a guideline and exemplar for us, young representatives of our country. Our Esteemed President Serdar Berdimuhamedov approved this motto for 2023, this symbol carries a semantic meaning which «Reflects the desire of the Turkmen people, together with the youth, to follow the course of the Hero-Arkadag under the leadership of Hero Arkadag Serdar, to work hard for the further prosperity of the beloved Motherland».

For the predominant part, this year we have been enabled to lucidly manifest our intellectual talents and represent all our erudite aptitudes by participating in the national and International Olympiads, in complement with the new, unparalleled competitions specially designed by the universities and institutes of Turkmenistan. This year, I have had the opportunity to take part in several national Olympiad specially designed by higher educational institutions and was granted with high-level certificates and diplomas and munificent presents, especially from our Hero Arkadag and Hero Arkadag Serdar

On behalf of all representatives of youth, I would like to express my whole-hearted gratitude to our highly-revered Hero Arkadag and Hero Arkadag Serdar for the interest, constant care and attention bestowed on us, by virtue of which we keep going forward.

***Mahri GUZYCHYEVA,***
***the 1st year student of the Faculty of International Economic Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

### THE AWARDING CEREMONY FOR MTCP ALUMNI

On December 21, 2023, the Awarding Ceremony for MTCP Alumni, who have participated in online course for Malaysian Technical Cooperation Programme (MTCP) was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, together with the MTCP Secretariat, and representatives the Embassy of Malaysia in Ashgabat. In this regard, during the awarding ceremony, the Ambassador of Malaysia H.E. Mohd Suhaimi Bin Ahmad Tajuddin congratulated the lecturers, who actively participated in the MTCP programs during the last academic year, organized by the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan together with English Language Teaching Centre (ELTC) of Malaysia. The purpose of the online course is to teach the instructors how to develop the teaching skills through interactive classroom lectures, discussions, and simulated exercises using online learning. The methodology for online learning and training is through the usage of Skype or any online methods.

### MEETING DEVOTED TO THE DEVELOPMENT OF TURKMEN-JAPANESE COOPERATION

On December 25, 2023, a meeting between the rector of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan J.Gurbangeldiev and Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Japan to Turkmenistan Hiroshi Sasaki was held. This meeting was devoted to the development of Turkmen-Japanese partnership.

During the meeting, the rector of the Institute noted the friendly relations between the two countries and exchanged views on further expanding relations in the field of education and science. Such productive cooperation in these fields are of great importance for developing the methods of teaching and exchanging views on preparing future specialist of international level.

After the meeting, a tour was organized for Mr. Ambassador, who was briefly acquainted with the educational studio, library of international relations in Turkish and English languages and the yurta (Ak oy) of our Institute.

### ПРЕЗИДЕНТ СЕРДАР БЕРДЫМУХАМЕДОВ ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ В НЕФОРМАЛЬНОЙ ВСТРЕЧЕ ГЛАВ ГОСУДАРСТВ СНГ

26 декабря Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов посетил с рабочим визитом Российскую Федерацию, где принял участие в ставшем традиционным в последние годы неформальном Саммите глав стран Содружества Независимых Государств.

Туркменистан, который является в силу своего нейтрального статуса ассоциированным членом Содружества Независимых Государств, выстраивает отношения с государствами-участниками СНГ на равноправной, обоюдовыгодной основе, с учётом общих целей и национальных интересов каждой из сторон. Эта позиция нашей страны способствует укреплению исторически сложившихся крепких уз дружбы, добрососедства и эффективных связей, успешной реализации значимых крупных совместных проектов в различных областях.

### HALKARA ÝAŞLAR FORUMY

2023-nji ýylyň 27-nji dekabrynda paýtagtymyz Aşgabat şäherindäki Söwda-senagat edarasynyň binasynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyna bagyşlanan türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, sport, medeniýet, senagat, oba hojalygy we ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda gazanan üstünliklerini görkezýän ýaşlaryň dabaraly maslahaty we sergisi geçirildi. Munuň özi Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ajaýyp jemlenmesine öwrüldi. Foruma we köp ugurly sergä ýurduň ösüşine mynasyp goşant goşýan ýaş nesliň wekilleri gatnaşdylar.




Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda talyplarymyz bu halkara ylmy-amaly maslahata, geçirilen sergilere, şeýle hem ýaşlarymyzyň sylaglandyryş dabarasyna sanly ulgam arkaly onlaýn tomaşa etdiler. Munuň özi biz türkmen ýaşlaryny diýseň buýsandyrýar. Sebäbi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň aýdan her bir öwüt-nesihatlary biziň üçin görelde mekdebi bolup durýar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# HAPPY YOUTH WITH ARKADAG SERDAR:

## CONFIDENT STEPS TO GREAT DEVELOPMENT

In the Epoch of the Revival of a new era of a powerful state, under the far-sighted leadership of President Serdar Berdimuhamedov, fundamental transformations are taking place not only in the national economy, but also in state building, the life of society as a whole, large-scale programs and projects designed to ensure the further development and progress of the Fatherland, the improvement of the well-being of the people. Particular attention was paid to the development of international youth cooperation. As it was emphasized, the tasks in this direction were initially designated among the key items on the agenda of the United Nations, as evidenced by a number of adopted documents. To exchange best practices, it is proposed to intensify ties in the field of education with authoritative international organizations, including the UN, OSCE, EU and CIS.

Our Esteemed President Serdar Berdimuhamedov adressed that:

“Dear participants of international scientific-practical conference and exhibition!

The happy youth of the Revival era of the new epoch of sustatnable state!

I heartly congratulate you on the opening of the international scientific-practical conference and exhibition dedicated to Arkadag Serdarly Happy Youth Year. I wish great success to the work of this conference and exhibition, which will contribute to opening up new opportunities for the further development of youth cooperation at the international level. During the Arkadag Serdarly Happy Youth Year, the Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan was accepted as an official member of the World Youth Society of UNESCO. The forum of the youth of the Central Asian countries and the People's Republic of China called "The New Age of the Great Silk Road" was held in the city of Mary. All this is a clear sign of the opening of new opportunities for the internationalization of youth cooperation.

Dear participants of international scientific-practical conference and exhibition!

Once again, I heartly congratulate you on the start of the international scientific-practical conference and exhibition dedicated to Arkadag Serdarly Happy Youth Year. With wonderful wishes, pleasant moments, and a solemn new welcome - I wish you more than ever in 2024, your sincere and persistent work, your gifted talent and your creative initiatives will reach higher levels.

On January 28, 2023, the regular VIII Congress of the Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan the regular was held in the Mekan Palace in the capital, in which delegates of youth organizations from Ashgabat and regions of the country took part in. The agenda included a set of issues of youth policy, discussion of ways to solve current and future tasks set by the President of the country and the Hero-Arkadag - the National Leader of the Turkmen people Gurbanguly Berdimuhamedov to the young generation in the era of the Revival of a new era of a powerful state. With great enthusiasm, the participants listened to the Address of President Serdar Berdimuhamedov, which emphasized the importance of the forum, designed to become a significant event in the life of Turkmen youth, filled with great love for the Motherland and committed to the ideals of humanism, goodwill and friendship.

It was emphasized that one of the main directions of the state youth policy of Turkmenistan is the promotion of international cooperation, the development of fruitful partnership with reputable structures and youth organizations of various countries in order to strengthen peace and trust on the planet. As it was noted, the youth were very enthusiastic about the legislative recognition of the high status of the National Leader of the Turkmen people for the Hero-Arkadag and his appointment as Chairman of the Halk Maslakhaty, which was a sign of deep respect and recognition of the merits of the Hero-Arkadag in strengthening sovereignty, contributed to strengthening international authority and developing the economic potential of the Homeland. Representatives of the younger generation take the words of the national leader with great pride and responsibility: “Our successes, sovereignty, stability in the country and the well-being of the people depend on the younger generation, and I am convinced that young Turkmens will be able to justify this great trust!”.

The youth policy pursued by the President of the country is aimed at creating the most favorable conditions for the formation, development and personal growth of young Turkmen citizens, expanding opportunities for the maximum realization of their intellectual, creative and spiritual potential in the interests of society and the state. The main directions of the national strategy include provision of legal and social protection of young people, popularization of the spiritual, moral and cultural values inherent in the Turkmen people, principles of a healthy lifestyle, education of patriotism, humanism, civic responsibility, as well as support and encouragement of youth initiatives. State policy in this area is inextricably linked with the activities of the Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan, which is the largest public association in the country that defends the interests of young citizens.

As it was noted, the state youth policy is inextricably linked with the activities of the Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan, which unites over 900 thousand members today and is a large association defending the interests of young citizens. This public structure has been established since its foundation, namely since November 16, 1991, it has been fruitfully working on the upbringing of a physically strong, spiritual and moral, hardworking, devoted to the Homeland generation. For more than 30 years, it has been successfully fulfilling the tasks of consolidating its members, directing their strength, abilities, and knowledge to the progressive development of an independent neutral Homeland.

President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov presented a new book for our youth called “Youth is the support of the Motherland”. And also our honorable President noted that the younger generation makes a worthy contribution to the development of Turkmenistan.

***Gulsenem HOMMADOVA,***
***Instructor of the International Law and Comparative Law Department of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

***Biziň buýsanjymyz***

## Ynam — uly borç



Döwletimiz tarapyndan ýaşlaryň halkara hyzmatdaşlygyndaky ornuna, mümkinçiligine we olara bildirilýän ynama aýratyn ähmiýet berlen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň taryhy gününde ýaş mugallym hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Hormat haty we gymmat bahaly sowgady bilen sylaglanmagym mende buýsanç, guwanç, şol bir wagtyň özünde jogapkärçilik duýgularyny oýarýar. Çünki türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde giň we sagdyn dünýägaraýyşly, ýurduň daşary syýasatyny dabaralandyrmakda mynasyp goşant goşjak, watansöýüji, zehinli ýaş nesli terbiýelemekde biz — ýaş mugallymlara uly ynam bildirilýär. Ynama mynasyp bolmak – uly mertebe, ynamy ödemek – abraý. Ynam bar ýerinde borç bar. Bu günki sylaga mynasyp bolan ýaşlar halypalaryň şägirtlere siňdirilen yhlasynyň netijesidir.

Ýaşlara uly ynam bildirýän, halypa-şägirtlik gatnaşyklaryna uly mümkinçilik döredýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsunymy aýdýaryn. Goý, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, belent başlary aman bolsun! Täze 2024-nji ýylda hem ýaşlarymyzyň üstünlikleriniň gadamy batly bolsun!

***Mährijemal MÄMEDOWA,***
***Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň uly mugallymy.***

В сути объявления 2023 года «Годом счастливой молодежи с Аркадаг Сердаром» мы видим большое доверие к молодежи, которая считается прочным фундаментом будущего страны. Эта вера открывает для нас огромные возможности и в то же время ставит перед нами обязанности обучения и работы.

Год, проходящий под девизом «Счастливая молодежь с Аркадаг Сердаром», ознаменовался для студентов и молодых преподавателей нашего института победами в различных национальных и международных олимпиадах и конкурсах.



Мы, студенческая молодежь, в ответ на отеческую заботу Героя-Аркадага, уважаемого Президента о молодежи продолжаем исторический путь наших предков, которые всегда призывали к миру, единству, сплочённости, пропагандируя идеи гуманизма во всем мире.

Позвольте заверить в том, что мы и впредь будем стремиться вносить достойный вклад в развитие и дальнейшее процветание нашей дорогой Отчизны!

Пользуясь случаем, выражаем слова искренней благодарности в адрес Героя-Аркадага, уважаемого Президента за созданные широкие возможности для молодёжи учиться, созидать, заниматься наукой и развитием.

Желаем Герою-Аркадагу, уважаемому Президенту крепкого здоровья, долгих лет жизни и успехов в масштабной государственной деятельности во имя мира, прогресса и процветания Независимого, постоянно Нейтрального Туркменистана.

***Сердар РАХЫМОВ,***
***студент V курса факультета международных отношений МИД Туркменистана.***

***28-nji dekabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda 2023-nji ýylda diplomatik gullukda göreldeli zähmet çeken ýaş diplomatlary, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň mugallymlaryny we talyplaryny sylaglamak dabarasy geçirildi.***

*(Başlangyjy gazetiň öňki sanlarynda).*

# Diplomatiýa näme?!

***Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, ýurdumyzda diplomatiýa bagyşlanan okuw kitaplary, okuw gollanmalary peýda bolup başlady. 2012-nji ýylda Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi, taryh ylymlarynyň doktory, professor Amangeldi Rahmanowyň «Diplomatik gullugyň esaslary» atly okuw kitaby ilkinji gezek neşir edildi. Bu kitap turuwbaşdan Türkmenistanyň Prezidentiniň, diplomatlaryň, pedagogiki we ylmy jemgyýetçiliginiň ýokary bahasyna mynasyp boldy.***

***2021-nji ýylda bu kitabyň täzeden işlenen we üsti doldurylan ikinji neşiri çap edildi. Onda diplomatiýanyň meselelerine has düýpli we giňişleýin seredilip geçildi, şeýle hem «diplomatiýanyň döwletiň daşary syýasatyny amala aşyrmagyň iň möhüm serişdesi bolup durýandygy»; «diplomatiýanyň döwletiň daşary syýasatynyň maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmak, daşary ýurtlarda döwletiň, onuň edaralarynyň we raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak boýunça döwlet we hökümet baştutanlarynyň, daşary işler ministrleriniň, daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň, halkara guramalardaky, maslahatlardaky wekiliýetleriň resmi işidigi»; «diplomatiýanyň halkara gepleşiklerini alyp barmagyň sungaty bolup durýandygy» ýaly kesgitlemeler bilen baýlaşdyryldy.***

Şol bir wagtyň özünde hem diplomatiýa hiç bir kär bilen deňeşdirip bolmajak seýrek kär bolup durýar, şeýle hem onuň köp ölçegli ähmiýeti bardyr. Şu jähetden, awtor «diplomatiýa» adalgasy babatda özüniň ýokarda getiren kesgitlemeleriniň entek tükenikli bolmazlygynyň ahmaldygyny belläp geçýär we muny subut etmek üçin täze delillere ýüzlenýär.

Mysal üçin, diplomatiýa «ylalaşyp bilmegiň sungaty» ýaly has doly we diýseň jaýdar kesgitleme hem berlip bilner. Üstesine-de, bu kesgitleme diplomatlara daşary syýasy meseläni çözmegiň mundan başga täsirli we howpsuz usulynyň ýokdugy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da biz, hakyky diplomatiýa «ýaragsyz ýeňiş gazanmagyň sungaty» hökmünde hem seredip bileris. Diplomatiýa şeýle kesgitlemäniň berilmeginiň esasy maksady bolsa, awtoryň pikiriçe, hemme zady öz içine alýan parahatçylygy berkarar etmek bolup durýandyr.

Şu ýerde diplomatiýa babatda awtoryň öz esasy hususy pikiri bilen tanyşmak hem gyzykly bolsa gerek. Şol kesgitlemä laýyklykda, «diplomatiýa — munuň özi halkara gatnaşyklar baradaky ylymdyr we gepleşikleri alyp barmagyň sungatydyr. Diplomatiýa parahatçylykly serişdeler arkaly amala aşyrylmalydyr, onuň maksady we wezipesi döwletiň, onuň raýatlarynyň bähbitlerini goramakdyr, üpjün etmekdir. Bitarap Türkmenistanyň diplomatiýasy diňe bir tarapyň däl, eýsem, taraplaryň ählisi bilen bähbitleriň umumy nokatlaryny tapmaga borçludyr».



> **Diplomatiýa parahatçylykly serişdeler arkaly amala aşyrylmalydyr, onuň maksady we wezipesi döwletiň, onuň raýatlarynyň bähbitlerini goramakdyr, üpjün etmekdir.**

## Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary

Diplomatiýanyň döwletiň halkara işlerindäki umumy ugry bolup durýan daşary syýasatyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny ýene bir gezek nygtap geçeliň. Daşary syýasat diplomatiýanyň maksatlaryny we wezipelerini kesgitleýär. Şunlukda, diplomatiýa «Daşary syýasy meseleleri nädip üstünlikli çözmeli?» diýen soraga jogap berýär. Başga sözler bilen aýtsak, onda diplomatiýa özüne mahsus bolan serişdelerden, tärlerden we usullardan döredijilikli peýdalanmak bilen daşary syýasy meseleleri çözmelidir.

Şu ýerde geljekki türkmen diplomatlarynyň daşary syýasatyň amala aşyrylýan ähli ýerinde diplomatiýanyň hem bolýandygyny ýatdan çykarmazlyklary möhümdir. Şeýle hem söhbetdeşliklerde, forumlarda daşary syýasatyň ýa-da diplomatiýanyň — bularyň haýsysynyň agdyklyk edýändigi barada anyk bir zat aýtmagyň kyn bolýan wagtlarynyň az bolmaýandygyny tejribe görkezýär. Şeýle ýagdaýlarda şol hadysalaryň, ozaly bilen, daşary syýasy hadysalar diýlip atlandyrylmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny hem belläp geçeliň.

Diplomatlaryň daşary syýasy meseleleri çözmek maksady bilen, alyp barýan çekişmeleri we maslahatlaşmalary belli bir manyda bäsdeşlik we hyzmatdaşlyk häsiýeti bolan sport olimpiadalara gatnaşyjylaryň ýaryşlaryna meňzeýär. Ýöne olaryň soňkulardan esasy tapawudy, ol hem diplomatlaryň bäsdeşliginiň intellektual, akyl görnüşli ýaryş bolup durýanlygydyr (munuň özi, elbetde, sportda beden başarnygy esasy bolsa-da, onda akylyň zerur däldigini asla aňlatmaýar) we onuň maksady gepleşiklerde ýokary daşary syýasy, diplomatik netijeleri gazanmakdan ybaratdyr. Şu jähetden, geljekki türkmen diplomatlarynda amaly diplomatiýanyň meselelerini üstünlikli çözmek endiklerini kämilleşdirmek uly ähmiýete eýe bolýar. Muňa olaryň amaly diplomatiýanyň meselelerini pikir ýöretmek, nazary taýdan çözmek bilen hemişe meşgul bolmaklary hem oňaýly ýardam eder.

**(Dowamy bar).**

***Amangeldi RAHMANOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.***

*Хороший дипломат импровизирует свои речи и тщательно готовит свои умолчания.*
**Шарль Морис де Талейран-Перигор**

*Дипломатия есть искусство обуздывать силу.*
**Генри Киссинджер**

# GÖZÝAŞLAR

## BEGENÇDEN AKSA...

**2023-nji ýylyň 20-nji dekabrynda «Parahatçylygyň ýaş çaparlarynyň» III möwsüminiň IV nobatdaky oýny geçirildi**





### Buşluk, eje! Ýeňdim!

*Bäsleşik tamamlanandan soňra, institutymyzyň zehinli žurnalist mugallymy Gülnabat Begenjowa kameranyň ses ýazýan enjamyny aldy-da, ýeňiji gyza tarap ugrady. Operator hem mugallymyň yzyndan galmady. Birnäçe minutdan soň, kameranyň ýadyna tolgundyryjy şekiller ýazyldy.*

**Gülnabat mugallym:**

– Medine, salam, seni gazanan ýeňşiň bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys!

**Medine:**

– Sag boluň!

**Gülnabat mugallym:**

– Ilki bilen, ýeňiji bolanyňy kime buşlamakçy?

**Medine:**

– Elbetde, ejeme – diýip, jaň etmäge durdy...

Ejesi telefona jogap bereninden soň:

– Buşluk, eje! Ýeňdim! – diýen ynamly we buýsançly sözleri ýaňlandy, gözlerinde bolsa biygtyýar begenç gözýaşlary göründi.

### Men ýene gaýdyp gelerin...

«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň IV saýlama oýnunyň sylaglandyryş dabarasy geçirilip, ýeňijiler Oguz hanyň peýkamyny ýokary galdyrmak däbini berjaý etmelidi. Şol pursat ýeňşiň bir ädim golaýyndan gaýdan Leýli gyzyň gözýaşyny gizlejek bolup durşuna gözüm düşdi. Bu pursady elden bermäýin diýip, fotoapparatymy alyp aşak düşýänçäm, eýýäm ýaňky ejizläp duran gyzdan nam-nyşan ýokdy. Diýmek, ol özüni ele almagy başarypdyr. Şol pursat okuwçy gyzyň gözlerinden şu sözleri okadym: ***Men ýeňiji bolýançam, synanyşmagymy bes etmeli däl, maksadyma ýetýänçäm dowam etmeli!***



***Taýýarlan: Amangeldi ÝEGENOW, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# Bäşinji pasyl

Ynsanyň kalby diýseň duýguçyl bolýar. Daşymyzy gurşaýan her bir zat, her bir adam, bolup geçýän her bir waka biziň içki dünýämize öz täsirini ýetirýär. Howanyň üýtgäp durmagy, daş-töweregimiziň öz keşbini wagtal-wagtal täzelemegi bolsa, adama aýratyn täsir edýär. Her paslyň özboluşlylygynyň bolmagy bilen, onuň ynsana ýetirýän täsiri-de aýratyndyr.

Meselem, meniň üçin her bir pasyl aýratyn duýgy bilen baglanyşykly. Ýaz paslynda hemme zat täzeden başlanýan ýaly, tebigat sowuk gyşdan soň, özüne gelýär, täzeden janlanýar. Bu paslyň ýagyşly döwri bolsa, dürli filosofiki pikirleri etmäge, durmuş hakynda täzeden oýlanmaga höwes döredýär. Tomus paslynda bolsa adamlar sebäpsiz, öz maýdalyna aýlanmaga, gezelenç etmäge daşaryk çykýarlar, çagalaryny oýnadýarlar, dynç almaga gidýärler. Tomus erkinligi ýatladýar, ýeňiljek eşikleri geýýärsiň, okuwçylardyr talyplar bolsa dynç alyş möwsümine çykýarlar. Bu döwür hiç zady alada etmän, bar wagty özüňe we ýakynlaryňa sarp etmäge diýseň amatly.

Güýz – täze güýç kuwwat bilen iş başyna dolanylýan wagt! Täze-täze adamlar bilen tanyşýarsyň, öňkülerden tapawutlanýan dersleri öwrenip başlaýarsyň. Özüm talyp bolamsoň, meniň



üçin güýz pasly täze okuw ýylynyň hyjuwly başlangyjy bilen bagly. Gyşda bolsa daş-töwerek wagtlaýyn dynç alýar, akja ýapynjalaryny ýapynyp uka gidýär. Emma şu döwürde, aňzakly howa garamazdan, adamlaryň ýürekleri has-da ýylanýan, birek-birege bolan söýgüsi berkeýän ýaly. Gyş özüniň sowuk howasy bilen adamlary birek-birege has-da ýakynlaşdyrýar.

Hawa, ýylyň ahyrynda yzyňa nazar aýlamak, megerem, her bir adama mahsus bolsa gerek. Soňky 10 – 20 günüň dowamynda tutuş geçen ýylda gazanylan üstünlikler, öwrenilen bilimler, durmuş tejribeleri dogrusynda oýlanmak, netije çykarmak köpler üçin däbe öwrüldi. Ýylyň ahyry hemişe jadyly bolýar. Bu, megerem, biziň çagalyk döwrümizden galan täsir bolsa gerek. Üstesine, daş-töweregiň hem geljek täze ýyla taýýarlyk görüp, çagalyk döwrümizi ýatladýan owadan yşyklar bilen bezelmegi ynsany ertekiler dünýäsine aralaşdyrýar. Täze arzuwlary etmäge, umytlanmaga, geljek ýyla beýik, peýdaly maksatlary goýmaga täsin gurşawy döredýär. Täze ýyla taýýarlanylýan, garaşylýan döwrüň duýgularyny hiç bir zat bilen çalşyp bolmaz. Göwnüme bolmasa, bu döwür beýleki pasyllaryň hijisine-de meňzemeýär. Bu hatda gyşyň hem aýratyn, özboluşly döwri. Bu döwür – umytlar döwri! Bu döwür – ertekilere ynanmak we ertekilerdäki ýaly ýaşamak döwri! Bu döwür – ýakynlaryňy we özüňi begendirmek döwri! Men ynsany gysga wagtlyk hem bolsa, jadyly wakalara, ertekä, gudratlara ynanmaga mümkinçilik döredýän bu döwri ýylyň bäşinji pasly diýip atlandyrasym gelýär.

Goý, bu pasyl tutuş geljekki ýylyň ösüşlerine badalga bolsun! Bu pasylda eden umytlarymyz, arzuwdyr dileglerimiz geljek ýylda iň owadan görnüşde hasyl bolsun!

***Mähriban HUDAÝGULYÝEWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.***

*«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň V saýlama oýny 2024-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda geçiriler.*

*«Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada gurlan Türkmenistanyň Baş arçasy GDA-da iň beýik arçadyr. Onuň boýy 43 metre deň.*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Atajykowa, O.Çaryýarowa.
Fotohabarçy: K.Akmämmedow.
Korrektor: A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.
E-mail: hgi.redaksiya@gmail.com